# Ýaponiýa gaýybana syýahat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýaponiýa gaýybana syýahat ÝAPONIÝA GAÝYBANA SYÝAHAT

Üç-dört penjireli pessejik mekdep,
Geçýänimiz geografiýa sapagy.
Häzir hem ýadymda mugallymmyzyň
Ýyldyz yzy galan gaşly sapagy.

Ýene uruş hakda gürrüň bermegni
Ýoldaş mugallymdan haýyş edýäris.
Ol diýýär: «Ýaponiýa diýilýän ýurda
Gaýybana syýahata gidýäris!»

Mugallymmyz gürrüň berýär Ýaponiýaň
Tokaýy, derýasy, bar ýeri hakda.
Sesimiz çykarman diňleýäris biz
Fudziýamaň ap-ak garlary hakda.

Diňleýäs.
Ol ýerde bomba oklanan
Hirosima hesret bilen dem alýar.
Sadako Sasaki atly gyzjagaz
Şöhle keselinden asgynlap barýar.

Mugallym gürleýär –
Sadakoň ýanna
Akylly, saýhally doktorlar gelýär.
Olar diýýär:
– Sadako jan, Sadako,
Müň sanjak durnany ýasasaň bolýar!

Ýasaber, ynha şu akja kagyzdan,
Ganatly et, uçup gitsin durnalar!
Müňünji durnaň hem uçar welinjik,
Sagalarsyň, nepesiň hem durlanar.

Mugallym gürleýär –
Sadakojygyñ
Eli ysgynsyz, başaranok işini.
…Gapdalymda Abat atly klasdaş
Ýaglym bilen süpürýär gözýaşyny.

Birdenkä-de şakyrdady partalar,
Her kim surat çekýän albomyn açdy.
Ertesi on dokuz sany ak durna,
Aýdyşlarna görä, Ýaponiýa uçdy…

Ýetjekdik biz Sadakonyñ dadyna,
Näbileli oña ýetmejegimizi.
Hem-de gaýybana Ýaponiýa taýa
Ýöne syýahata gitmejegimizi!…

Orazmyrat GURDOW. Goşgular